# Ilon Maskyñ Putin twiti oña täsin we tehnologiýanyñ howalaly gahrymany kimin garamagymyzy bes etmeli

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 24 января, 2025

Ilon Maskyñ Putin twiti oña täsin we tehnologiýanyñ howalaly gahrymany kimin garamagymyzy bes etmeli ILON MASKYÑ PUTIN TWITI OÑA TÄSIN WE TEHNOLOGIÝANYÑ HOWALALY GAHRYMANY KIMIN GARAMAGYMYZY BES ETMELI

Gik (geek) tüýsüne bürenen Mask performatiw giper erkeksumak egoistlerden diñe biri we munuñ şeýledigini görmegiñ wagty gelip ýetdi.
Oligarhlar giper erkeksumaklary öz güýçlerini we agressiwliklerini kanunylaşdyrmak üçin ulanýar. Bu Russiýanyñ Prezidenti Wladimir Putin üçinem şeýle. Emma şol bir wagtyñ özünde «Tesla»-nyñ direktory we tehnologiýa milliarderdi Ilon Mask üçinem şeýle, heniz gik (aýratynam bir hobbi ýa-da mesele bilen obsessiw şekilde güýmenýän kişiler üçin argo söz -t.b.) we özüni özi ýañsylaýan, şeýle-de bolsa iriziji takmynanlyga eýe formada bolsa-da.
Mask şu gün (14-nji mart) täsin twit atyp, «Wladimir Putini ýekme-ýek döwüşe çagyrýaryn» diýdi, dowamynda-da «Ukraina üçin. Bu döwüşe çykybiljekmi?» diýip ýazdy.
Russiýanyñ kosmos agentliginiñ başlygy Dmitriý Rogozin oña şobada jogap berdi: «Sen kiçijik şeýtan, entek ýaş bolýañ.» Jogap şeýle dowam edýärdi: «Gaýratyñ bolsa meniñ garşyma çyksana, egbary agan diýsäni. Wagtymy ýitirenime degeñog-a sen!»
Maskyñ we rus ýolbaşçylarynyñ özlerini mahabatlandyrmak üçin WWE terzli bular ýaly boş öwnüp, wirtual gahrymanlyk görkezjek bolmalary dogrusyny aýtsak, diýseñ ýerliksiz we bolgusyz. Russiýanyñ Ukraina çozmagy eýýämden müñlerçe adamyñ ölümine

sebäp boldy, millionlarça adam öýünden-ilinden jyda düşdi. Adamkärçilige sygmaýan şular ýaly uly möçberli tragediýa Maskyň özüni görkezjek bolmagyna amatly pursat bolaýmalymyka?

Hakykatda Maskyň teswirleri öz mahabatyny özi etmegiň, giper erkeksumaklygyň we zorlugyň köplenç täsin görnüşde biri-biriniň içinden eriş-argaç geçýän formasyny görkezýär. Görnüp duran mysallardan diňe biri bolan Putin Russiýada sagdynlyk we gara güýç kultuny ganatlandyrýar. Ýygy-ýygydan açyk howada maşk edip durka, köplenç ýanynda bedew atlar bilen surata düşýär.

Putin şol sanda rus döwlet kultuny-da Günbataryň heleýsypatlaşdyrylyp çökmegine duýulan ýigrenjiň çäginde kesgitlemäge jan etdi, özem bu köplenç LGBT-ler bilen baglanyşdyrylýar. Bu fanatik gomofobiýa ýakyn wagtda Prawoslaw buthanasynyň ýolbaşçysynyň Russiýanyň Ukraina çozuşynyň «geý paradlaryny» aradan aýyrma tagallasynyň bir parçasydygy üçin kanuny hasap edilendigini aýtmagy bilen täze düýp açdy. Toksiki giper erkeksumaklyk satma yňdarmalygy gorkunç militaristik öte geçmelere getirýär.

Ilon Mask hiç bir ýurda çozmady. Onuň özüne mahsus has özüne çekiji we beýniňi ýuwmaga gönükdirilen erkeksumaklygy häzirlikçe gowy ýalam bolup görnüp biler. Geçmişde olam gödek biri bolandygyny eline ýarag almasa-da, hepdede 120 sagat işläp görkezipdi. Onuň köpçüligiň öňündäki güýji bileginiň güýji däl-de, beýin güýji bilen baglanyşykly. Onuň eýelik edýän «Tesla» şereketi ýaşyl tehnologiýaly tok bilen işleýän awtoulaglaryň önümçiligini kämilleşdirýän bolsa, «SpaceX» hem bäş ýylyň içinde adamlary Marsa äkidip-getirmegi wada berýär. Hawa, bulam bir erkeksumaklyk, ýöne munuň aňyrsynda giklere bukulýan we hamana giň düşünjeli biri ýaly görünjek bolma çytraşmasy ýatyr.

Munuň bilen birlikde has ýakyndan öwrenilende, Maskyň milliarder, erkeksumak we gik energiýasy-da standart alfa erkek sypatyndan gaty bir tapawutlanyp duranok. Köp işleme edähedini öz işgärlerine garşy ýaraga öwürýär: Ol bikanun ýagdaýda sindikata agza bolmaga päsgel bermekde we zähmet kanunlaryny bozmakda aýyplanyp, günäli bilnipdi. Şeýle-de ol işçilere, hususanam garaýagyz işçilere äsgermezçilikli göz bilen garamakda-da aýyplanypdy.

Öňki aýaly Maskyň özüni birnäçe ugurdan ussatlyk bilen baş çykaryp, işläp bilýän ýaly görkezýändigini, «kürsüsindäki beýik adam» komediýasyny» öýdäki jynsyýetçi dinamikalara-da birkemsiz sazlap bilýändigini aýdýar. Birnäçe kişiniň non-binary (ikitaraplaýyn jynsy synplandyrmagyň daşyndaky şahslar üçin ulanylýan söz -t.b.) käbirleriniň ülňä gabat gelmeýän hakyky ýüzüne gönükdirilen üsti ýapyk äsgermezlik hökmünde teswirlän «Hakyky ýüzler berbat» twiti bilen birlikde Mask transfobiler bilen äjirde-büjür. Maskyň özüni non-binary diýip tanadýan we hakyky ýüzlere garşy «bitarapdygyny» aýdýan, bir aýrylyp bir ýaraşýan partnýory Grimes köpçüligiň öňünde trans kişiler bilen işiniň bolmazlygyny haýyş edipdi, Mask hem twitini öçüripdi. Emma batyrgaý görünjek bolup saýrylaşdyrylan köpçülige sürünmek häzirem halanylmajak hereket, muny ýanýoldaşyňyzyň özüni şol saýrylaşdyrylan köpçülige golaý duýýandygyny bilibem edýän bolsaňyz dagy hasam…

Ilon Maskyň Putine ýumruklaşmaga eden çakylygy aslynda onuň hüý-häsiýetine ters gelibem duranok. Bu diňe şolar ýaly erkeksumaklygyň nähili aňsatlyk bilen tradision, agressiw we militaristik erkeksiremege äkidip biljekdigini görkezmekden ybarat.

Şol bir wagtyň özünde oligarhlaryň maliýe we sosial güýjüniň nähili giper erkeksumak fiziki häkimiýetiň we gözegçilik fantaziýalarynyň üstünde gurlandygynyň we bulary ýüreklendirýändigininiň mysaly. Mask belli bir derejede henekleşýänem bolsa, görnüp duran formada Putin bilen dawalaşýan ýaly (Ýumruklaşypmy? Gylyçlaşypmy? Ýigrimi ädim sanap atyşypmy?) görünmekden keýp alýar. Güýçsiz ýagdaýa düşen Ukrainany halas etmek üçin öňe okdurylan ýigit, gahryman halasgär derisine girmekden göwni hoş bolýar. Şeýdeni bilen näme üýtgeýär, edip bilýän zady barmy? Özüni patyşa diýip yglan etjek bolýarmy? Ukrainanyň melikesine öýlenip, atyny günbatara sürjekçimi? Bir tehnologiýa milliarderi azatlyklary üçin göreşmäge isleg bildiripdir diýip, ukrainalylaryň bombalanyp duran wagtynda hemmesiniň alkyşyna mynasyp bolmakmy niýeti?

Gahrymanlyk gürrüňininiň anyk detallary belli däl. Emma Dmitriý Rogoziniň bu gürrüňe goşulma mümkinçiligini oňyn garşylandygy görnüp duran zat. Putin Ukrainadaky uruşy bäbekhanalaryň bombalanyp, ýaş esgerleriň urulýan front liniýasyna ugradylandygy, häkimiýeti perwaýsyzlyk we wagşylyk bilen

eýeleme hemlesiniñ ýerine şahsy güýjüniñ we erkeksireme çözgüt ýolunyñ synagy hökmünde tanatmakdan hoşal.
Gaýtalap aýdýaryn: Mask Putin däl. Emma Ukraina üçin ýekme-ýek göreşe çykmak baradaky samsyklaç pikirleri beýan etmegi, belki-de onuñ Putin bolasynyñ gelýändigini görkezýär. Güýçli we milliarder adamlar köplenç dünýä özlerinden we özleriniñ boş erkeksiremelerinden ybarat ýaly gürlemegi hereket etmegi gowy görýär. Iñ gowy ähtimallykda gulaga duýgusyz we dünýäden bihabar ýaly gelýärler. Iñ erbet ähtimallykda bolsa Putiniñ häzirki edýänlerini gaýtalaýarlar.
Noa BERLASKIÝ.

18.03.2022 ý.

https://www.independent.co.uk/voices Publisistika